# Jyn patyşalary

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy,Medisina,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Jyn patyşalary JYN PATYŞALARY




- **Duşenbe güni**

Abdylla el-Hiýem ibni Ehlim Mürre (Müreh). Depesinde täji bar. Çadyry ýüňden. Kömekçileriniň eşigi ak bolýar. Musulman bolup adyny Ýusuba öwrüpdir. Bolýan ýeri Türkiýäniň häzirki Mardin welaýatynyň Nusaýbin etraby bolup, ol şol ýeriniň patyşasydyr. Boýy 150 sm bolup, elleri boýundan has uzyn görnüşe eýedir. Iki hyzmatkäri-de özüne meňzeýär. Ýyldyrym çaltlygynda hereket edip bilýär. Bu jyn Hezreti Muhammet pygamberiň (s.a.w) iki eliniň arasynda musulman bolan jyn patyşasydyr.

- **Sişenbe güni**

Mihrez el-Ahmer. Täji altyn. Çadyry ýüñden. Kömekçileriniñ eşigi gyzyl. Iblisiñ çagalaryndan biri. Gyzyl reñkli we adam sypatyndadyr. Adamlara musallat bolanda burnundan gan akdyrýar. Guýulary guradýar. Gyzdyryp ýatanlaryñ köpüsine galýusinasiýa görkezip bilme ukybyna eýe.

- **Çarşenbe güni**

Burkan. Täji bar. Çadyry ýüñden. Kömekçileriniñ geýimi sary bolýar.

- **Penşenbe güni**

Şemharuş (Şemhurış). Täji bar. Çadyry ýüñden. Kömekçileriniñ geýimi ak. Örän dana görnüşi bar. Sypaty adama has meñzeýär. Edýän işi: altyn, hazyna we ş.m. işlere eýelik etmek we bulary dolandyrmak.

- **Anna güni**

Ebýab (Ebýed) ýa-da Zewba (Zubea). Munuñ iki ady bar. Täçli. Çadyry ýüñden. Kömekçileriniñ geýimi ýaşyl bolýar. Aýyñ täsirindäki jyn patyşasy. Hemme ýany ak we gorkunç şekili bar. Sowukganly görnüşi bar. Dana we akylly jyn serdarlaryndan. Golastynda onlarça jyn hyzmatkäri bolýar. Söýgi we iki adamy birleşdirme güýjüne eýe. Daş görnüşi haýbatly patyşanyñ görnüşinde. Çagyryşlara añsat-añsat jogap bermeýär.

- **Şenbe güni**

Meýmun Ebu Nuh. Täji bar. Çadyry ýüñden. Kömekçileriniñ eşigi gara. Uranyñ ýer ýüzündäki jyny diýsegem bolýar. Garry sypatda we eli hasaly aýlanýar. Eñeginde ýedi sany uzyn tüýi bolýar. Köplenç guýynyñ gyralarynda we harabalyklarda gezýär. Uçup bilme ukyby-da bar. Kakasynyñ ady Deýbaj Afif.

- **Ýekşenbe güni**

Ebu Abdylla Müzheb. Täji bar. Çadyry ýüñden. Kömekçileriniñ eşigi ak. Bu ýedi patyşanyñ holastynda jemi 378 taýpa bar. Her

patyşaha 54 taýpa düşýär we bu taýpalaryñ sanyny diñe Allatagala bilýär. Bu patyşalaryñ hökümine girmeýän ýene 42 sany taýpa bar. Bular şeýtany we azgyn jynlar. Täji altyn bolan Mihrez el-Ahmer ähli taýpalara höküm edip bilýär.



- **Beýleki jyn patyşalary**

Denaheş: Gezende jynlardan. Taýpasyndaky jynlar hyýal baglatma (galýusinasiýa) we adamlaryñ aklyny üýtgetme (was-wasy) güýjüne eýe. Hyýallarda ökde bolansoñ häzire çenli onuñ hakyky ýüzüni gören bolmandyr.

Fekajin Megmet: Çagyrylanda çalt gelýän jynlaryñ biri. Arap dilinde ýazylan hemme kitapda diýlen ýaly onuñ ady agzalýar.

Kemtemin: Iñ gorkunç jyn patyşalarynyñ biri. Çagyrylanda köplenç gorkunç ýüzlüdir.

Mazerin: Arabystan ýarymadasyndaky dört uly jyn patyşalarynyñ biri. Urşujy görnüşi bar. Güýçli goşuny bar we bu patyşany

tabyt göterýän ýaly tagtyny omzunda göterip barýan hyzmatkärleri bilen çagyrylan ýerinde gaýym bolýar.

Senik: Örän güýçli jyn patyşasy. Ifritlerden düzülen goşuny bar. Diktator häsiýetde bolansoñ, oña kontrollyk etmek kyn. Ýaşaýan ýeri Arap ýurtlaryndaky ýarymadalardyr. Tagtyna oturan sowuk we orta ýaşly adamyñ sypatyndadyr.

Teýkel: Arabystan ýarymadasynyñ iñ uly dört jyn patyşasynyñ biri. Örän güýçli jyn goşuny bar. Golastynda daglaryñ beýikliginde jynlar bar. Bu jyn okkultistik sanawdaky dört gaty elementden emele gelip, görer göze az-kem-de bolsa saýgarylyp, adamlara görnüp biler.

Jynlar obýomy we agyrlygy bolmadyk, bu älemde başga ölçegde bolan (ýaşaýan) mahluklardyr. Halk dilinde jyn erkek, peri-de zenan diýip düşünilýär. Hakykatda-da ýagdaý şundan üýtgeşik däl. Jynlaram edil adamlar ýaly aýally-erkekli durmuşda ýaşaýarlar: dogulýarlar, ýaşaýarlar, köpelýärler, ölýärler. Ynançlary we ideallary bolýar. Gurhanda aýdylyşy ýaly jynlar tüssesiz otdan ýaradylypdyr. Başgaça aýdylanda energiýa utgaşmasydyr. Umuman şeýle diýip bileris. Jynlar obýomy we agyrlygy bolmadyk, bu älemiñ başga ölçegli (başga hili ýaşaýyşdaky) mahluklarydyr. «Men ol jynlary-da, adamlary-da diñe maña gulluk etsinler diýip ýaratdym» («Zariýet süresiniñ 56-njy aýaty). Şeýle-de, jynlaryñ ilkinji atasynyñ Jann bolandygyny-da ýene Gurhandan bilýäris. «Janny-da yalyn otdan ýaratdy» («Rahman» süresiniñ 15-nji aýaty). Gurhanyñ başga-da birnäçe aýatynda jynlaryñ ot görnüşinde ýer şarynyñ içine, merkezine çenli inmekde, asmanda ýagtylygyñ tizliginde gezmekde we ş.m. zatlary etmekde hiç hili kynçykyk çekmeýändikleri aýdylýar. Emma ýer şaryndan we onuñ töwereginden daşlaşyp bilmeýändiklerini-de Gurhandan bilup bolýar. Allanyñ jynlary ýaradandygyny hemmämiz bilýärler. Olar köplenç adamlaryñ añastyna girip täsir edýärler.
Jynlaryñ öñem aýdyşymyz ýaly mantygy bolmaýar. Netije çykaryp bilmeýärler. Diñe berlen tabşyryklary ýerine ýetirýärler. Olaryñ adamlaryñky ýaly ýokary duýgulary ýok. Akyllaryny doly

ulanyp bikmeýärler. Iñ esasy aýratyynlyklary – örän çalt hereket etmek ukyby we islän adamynyñ, islän närsesiniñ şekiline girip bilmegidir. Olaram adamlar ýaly iýip-içýärler, alkaşy, neşekeşi, türgeni bar. Adamlar nähili ýaşaýan bolsa, olaram şolar ýaly ýaşaýar. Meselem, garañkyda ýa-da ýagyşly howada bissimillasyz ýere basmazlyk, gije dyrnagyñy alnazlyk, sykylyk atmazlyk ýaly. Olaryñam dürli-dürli ýerlerde bolýanlary bar. Käbirleri hammamlarda, ot-çöp basyrylyp goýlan ýerlerde, hajathanalarda, poh-püsülli we kir-suwdyr zibil dökülýän hapa ýerlerde ýaşaýanlar bilen otaglarda, zalda, arassa ýerlerde ýaşaýanlary-da bar. Taýpalaryny 1-nji, 2-nji, 3-nji taýpa diýip, san bilen belgilemek mümkin. Özlerine degişli şäherleri bar, obalary bar. Gepiñ keltesi, ýaşaýyş-durmuşlary adamlar bilen umuman alanda çalymdaş. Gowulary adamlary gorkuzmajak bolup kän göze görünmeýärler. Erbetleri-de doga-jadynyñ netijesinde ýa-da olara zyýan ýetirjek hereketde gorkuzmak üçin gözüñize görnüp biler. Bir ýerlerden ses eşdilmegi, gije ýatanda gapynyñ jygyldamagy ýa kakylmagy, çyralaryñ öçüp-ýanmahy, çeşmeden şildiräp suw akýan ýaly sesiñ eşdilmegi ýaly şuña meñzeş garşylyklary berup bilerler. Her näme-de bolsa, adamlary öldürmek ýaly herekete baş goşup bilmeýärler. Alla olara muny rugsat bermändir. Jynlaryñ has ýokarky gatyndakylarda hüddam, ifrit ýaly dürli atly çinleri bolar. Jaýyñ boýunda ulusy, ganatlysy, iki kellelisi, ýylan kellelisi ýaly dürli şekillerde görmek mümkin. Adamlara ýetirýän zyýany doga-jady netijesinde bolýar diýipdik. Diýmek şeýle ýagdaýda etjek täsiri-de doga-jadynyñ ýagdaýyna baglydyr. Musulman jyn adama zyýan ýetirmeýär. Olaryñ özüne zyýan ýetirlen ýagdaýynda düýşüñe girip käbir duýduryşlar berýärler hem-de sizi gorkuzmazdan bolan zady düşündirmäge synanyşýarlar. Eger düşünmedik ýagdaýyñyzda iñ soñky çäre hökmünde gorkuzyp düşündirmäge başlaýarlar. Bärde munuñ sebäbi-de siziñ ünssüzligiñizden, seresapsyzlygyñyzdan gelip çykýar. Wagtynda edilen duýduryşlara üns bermän, edýänsirän bolmañyz sebäpli bolýar. Hawa, şeýle bedensiz mahluklar hakykatdanam bar. Olaram biziñ ýaly dini ynançlary bolan (musulman, hristian, şeýtana we oda çokunýanlar) taýpalar,

toparlar görnüşinde ýaşaýarlar.
Iýip-içýärler, ybadat edýärler. Ynançsyzlaey, alkaşlary, jynsy taýdan azgynlary bar. Göz öňüne getiriň: adamyň ygtyýarynda bolan hemme zatdan olaram paýyny alýar. Adam hökmünde biziň olardan tapawudymyz erk-eradamyzdyr, ygtyýarymyzdyr, mantygymyzdyr, şuňa aýratyn üns beriň: erk-eradamyzdyr. Köplenç adamlary aňastyna girip täsiri astyna alýarlar. Erbet jynlar agaçlaryň aşagyny, zibil ýaşiklerini, hapa ýerleri, harap keýp edilýän mesgenleri halaýarlar.



Öňküleriň aýdyşy ýaly, «bimahal çag gezmäň», «gije dyrnagyňyzy almaň» ýa «gije aýna seretmäň» diýen ýaly sözleri hökman eşidensiňiz. Bularyň hersiniň aýry-aýry manylary nar. Köplenç

garañky ýerden geçende ýere tüýkürmejek hem-de eliñizdäki zibili ýer zyñmajak boluñ. Jynlarda taýpalar bolýar. Üç taýpa degişli, ýedi taýpa degişli diýip, her taýpanyñ aýry etmeli işi bar. Iñ erbetleri-de şeýtana gulluk edýänleridir, olaryñ maksady yzygiderli ýagdaýda erbetlik etmek, käbir adamlara musallat bolup, olaryñ durmuş gurmagyna ýol bermezlik. Hatda özleri bilen jynsy gatnaşykda bolmaga mejbur edýänleri-de bolup bilýär, isleseler zyýan ýetiribem bilýärler, ýöne munuñ şertleri bar. Käwagtlar adamlaryñ düýşüne girip gorkuzýarlar. Garabasmany, düýşürgäp turmagy muña mysal görkezip bileris. Şekil taýdan iñ howplusy käbir adamlarynda gören ýedi küýkilere meñzeş şekildäkiler köplenç uçup, öýleriñ penjire tutusynyñ (zanaweska) gyrasynda görnüp bilýärler, haýwan şekilinde ýylan holup görünýänlerine iñ howplusy hökmünde mysal getirip bileris. Jynlaryñ ýaradylyşy adamlardan has öñdür. Bilşimiz ýaly Şeýtan näletlenmezden öñ jynlaryñ belli-başly öñbaşçylarynyñ biri eken.
Allatagalanyñ buýrugyna garşy çykan Şeýtan müdimilik näletlendi. Tutgaý (garaguş) keseli, somnambulizm, çem gelen wagty essiñden aýylmalar, ukudakañ basyrganmak, birden oýanmak we geplemek, ýellenmek hem diýilýän endamda aýlanyp duran agyry-yzalar, sebäpsiz gaharlanmak, hyýrsyzlaşmak we başga-da birnäçe bimazalyklar. Medisinanyñ dowa tapyp bilmeýän bu keselleriñ barsy jynlaryñ getirýän bela-beterleriniñ miwesidir.
# Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy. Geň-taňsy wakalar